# Käbir aýallara melek diýýäñiz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Käbir aýallara melek diýýäñiz KÄBIR AÝALLARA MELEK DIÝÝÄÑIZ




Käbir aýallara melek diýýäñiz
Perişde diýýäñiz göçme manyda.
Düşünýän, wah ýöne menzetmelerñiz,
Baranok olaryñ golaý ýanyna.
Göçme manydaky meñzetmäñizden,
Kellejigi göçen käbir melekler.
Özlerini şeyle elýetmez öýder,
Soñ özüne, boluşyna seretmez.

Onsañ şulañ bary ýadyma düşse,
Iki baka çarp urýaryn telbe dek.
Siz bir aýdyñ, aýal niçik bir melek,
Mysal üçin Ezraýylam bir melek.

Siziñ melek diýýän zenanlaryñyz,
Sözüñ doly manysynda melek däl.
Akylly aýala derkar däl bu at
Öz-özüñi aldamagam gerek dâl.

Wepasy rowaýat
Söýgüsi aýdym.
Aýal är ömrüni dessan etmeli.
Namys-arly, gül kamatly naçara
Hatda melekleñem gözi gitmeli.

Ýasalandyr Ylahy yşk mährinden,
Mert är gerek söýüp-sylap, aýara
Mertebesi belent melek ählinden
Şonuñ üçin melek diýmäñ aýala.

Sylapberdi MUHAMOW.

04.02.24. Goşgular